# Goşgy ýazjak günüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Goşgy ýazjak günüm

GOŞGY ÝAZJAK GÜNÜM

Bu durmuş şeýle bir, şeýle bir süýji,
Günüme goýanok yhlasyň güýji,
Goşgy ýazjak günüm!

Töwerek al-ýaşyl, elwan ýaz maňa,
Eşidilýä şirin-şeker saz maňa,
Goşgy ýazjak günüm!

Bu gözel ýaýlalar durşuna jady,
Meni ýakyp barýar gülleriň çogy,
Goşgy ýazjak günüm!

Ah, nähili gowy barlygyň yşky,
Ak dünýäden doýman barýan deý misli,
Goşgy ýazjak günüm!

Ähli zatda, ähli ýerde sazlaşyk,
Ýöne ýokdur meň kalbymda ynjalyk,
Goşgy ýazjak günüm!

Tuwakgül GYLYJOWA.
Türkmenistanyñ at gazanan medeniýet işgäri.

Goşgular